# Dillensene, dilberim!

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dillensene, dilberim! DILLENSENE, DILBERIM!

Sözle, sözleriňe bal-şeker garyp,
Dymma indi, dillensene, dilberim!
Heýjana sal meni, ýüregim ýaryp,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Ýüzbe-ýüz görşemde, ýylgyrşyň görsem,
Kalbyň ýazlagynda ýaýnasam, ýörsem,
Tolgunyp gaşyňda duraýyn, «Sör-söm»,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Hoş sözle, mylaýym – hoşuma gelen,
Pitiwa edemde, bolmasyn ýalan,
Eşdeýin agzyňdan gulagym bilen,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Saňa söýgim meni düşürdi yşka,
Ysnyşyk sözleriň höziri başga,
Ýaňlanýar aňymda aramyz daşka,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Gök gülli ýaglygyň daňynýaň weli,
Gelşip dur, bezenşiň jennetiň güli,
Daşyňdan perwana bolýan her hili,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Diýjekdendim, dilim diýen etmedi,
Howam asgyn geldi, gaýrat ýetmedi,
Iki çäk, ýalňyzkak menden bitmedi,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Kyn şert bolup, senden gönükse perman,
Hoş ýakar, melhem bor, derdime derman,
Aşyk ýüregimde galmasyn arman,

Dymmasana, dillensene, dilberim!

Dillenseň, bal-şirin sözüňe gurban,
Mähirli garaýan gözüňe gurban,
Sülmüräp durşuňa, özüňe gurban,
Dymmasana, dillensene, dilberim!

Ilmämmet, ýüregiň ele al, ýolda,
Göni bar, garşy dur, hantama halda,
Ynjytma, aşygyň ezizläp golda,
Dymmasana, dillensene, dilberim! Goşgular